Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
ELECTRONIC NEWSPAPER

# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar

№ 36 (119) 2025-nji ýylyň 31-nji ýanwary



Syýasy habarlar

## HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

**20-nji ýanwarda** türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Monako saparynyň dowamynda Monako Knýazlygynyň Şazadasy Alber II bilen duşuşyk geçirildi.

Söhbetdeşler ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ileri tutulýan ugurlary, halkara syýasatyň gyzyklanma bildirilýän wajyp meseleleri boýunça pikir alşyp, iki ýurduň özara hyzmatdaşlygyny, şol sanda ony abraýly halkara guramalaryň çäklerinde giňeltmäge ygrarlydygyny tassykladylar.

* * *

**21-nji ýanwarda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň tabşyrygy boýunça Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa Kanadanyň Türkmenistanda täze bellenen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Kristofer Daggandan ynanç hatyny kabul etdi.

Milli parlamentiň ýolbaşçysy döwlet Baştutanymyzyň adyndan ilçini Türkmenistanda diplomatik wezipä girişmegi bilen gutlap, oňa iki dostlukly ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilen işinde üstünlikleri arzuw etdi.

* * *

**22-nji ýanwarda** türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow bilen Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýewiň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik boldy. Onda özara bähbitlilik hem-de deňhukuklylyk ýörelgeleri esasynda ösdürilýän hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ilerletmegiň mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşyldy.

* * *

**23-nji ýanwarda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Aziýanyň Olimpiýa Geňeşiniň Baş direktory, Sportuň suwdaky görnüşleri boýunça bütindünýä guramasynyň prezidenti Huseýn Al-Musallamy kabul etdi.

Söhbetdeşler Türkmenistanda sportuň suwdaky görnüşlerini ösdürmegiň meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar. Sportuň bu görnüşleri dünýäde giňden ýaýrandyr we jemgyýetde berk bedenli, sagdyn şahsyýetleri ýetişdirmäge ýardam berýär.

* * *

**27-nji ýanwarda** Daşkent şäherinde Türkmenistan Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri Raşid Meredowy Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew kabul etdi.

Söhbetdeşler türkmen-özbek dostlukly gatnaşyklary we hoşniýetli goňşuçylyk hem-de strategik hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek bilen baglanyşykly meseleleri ara alnyp maslahatlaşdylar.

* * *

**27-nji ýanwarda** Tokio şäherinde iki ýurduň Daşary işler ministrlikleriniň arasynda türkmen-ýapon syýasy geňeşmeleri geçirildi. Türkmen tarapyna Türkmenistanyň daşary işler ministriniň orunbasary Ahmet Gurbanow, ýapon tarapyna Ýaponiýanyň daşary işler ministrliginiň Merkezi Aziýa we Kawkaz ýurtlary boýunça ýörite wekili Masaki Işikawa ýolbaşçylyk etdi.

Taraplar ikitaraplaýyn gatnaşyklaryň ileri tutulýan ugurlary, halkara syýasatyň gyzyklanma bildirilýän wajyp meseleleri boýunça pikir alyşdylar.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

### A MEETING DEDICATED TO IMPROVING THE TEACHING OF THE ENGLISH LANGUAGE

On January 27, 2025, a meeting was held at the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan with representatives of the British Voluntary Service Overseas (VSO). The meeting was attended by VSO Global Technical Lead Purna Kumar Shrestha and Global Practice Lead Joyce Laker.

The meeting was attended by the Vice-Rector for Scientific work of the institute, Begench Matliev, the Acting Dean of the Faculty of International relations, Merdan Berdinyyazov, as well as the acting Head of the Department of World languages, Maya Atajanova.

At the meeting, the guests were familiarized with the structure and activities of the institute, who made their proposals on improving the teaching of English. The importance of strengthening academic ties between educational institutions in Great Britain and Turkmenistan was emphasized.

### ТРЕНИНГ ПО ОСНОВАМ "CHATGPT", "DEEP LEARNING", "MACHINE LEARNING", "NEURAL NETWORK"

24 января 2025 года в Институте международных отношений МИД Туркменистана состоялся тренинг по основам "ChatGPT", "Deep Learning", "Machine Learning" и "Neural Network".. В тренинге приняли участие преподаватели института, студенты, а также директор хозяйственного общества «Parlak Ulgam» Нурмухаммет Мырадов.

В ходе тренинга Нурмухаммет Мырадов рассказал о развитии и совершенствовании искусственного интеллекта в эпоху современных инновационных технологий, о важной роли искусственного интеллекта в экономике и цифровой экономике, а также о том, как искусственный интеллект приводит к прогрессу во всех сферах. Также в своем выступлении он рассказал о рабочих процессах, алгоритмах и структуре основ искусственного интеллекта, таких как "ChatGPT", "Deep Learning", "Machine Learning", "Neural Network" и об их влиянии на научное и образовательное пространство.

### HORMATLY ILÇI OKUW SAPAGYNY GEÇIRDI

2025-nji ýylyň 23-nji ýanwarynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda Kanadanyň Türkmenistana täze bellenen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi jenap Kristofer Dagga okuw sapagyny geçirdi. Bu okuw sapagyna Halkara gatnaşyklary institutynyň we Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň mugallymlary hem-de talyplary gatnaşdy. Okuw sapagynyň dowamynda hormatly Ilçi Türkmenistan bilen Kanada döwletiniň arasyndaky syýasy-diplomatik hem-de ylym-bilim ugurlary boýunça üstünlikli alnyp barylýan hyzmatdaşlygyň aýratynlyklary barada gürrüň berdi. Şeýle-de hormatly Ilçi talyplary özüniň baý iş tejribesi bilen tanyşdyrdy.




**«Ýaş diplomatyň sesi».**

# GÜNEŞLI DIÝARDAN «DÜNÝÄNIŇ SPORT PAÝTAGTYNA»






Mälim bolşy ýaly, 2025-nji ýyl «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edildi. Bu ýylymyzda hem dünýäniň dürli ýurtlary bilen ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy, dostdoganlyk gatnaşyklaryny berkitmekde ençeme işler amal ediler. Halklaryň arasyndaky şeýle gatnaşyklary berkitmekde ýurdumyzyň netijeli işleri alyp barýandygyny türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň 2024-nji ýylyň 19-20-nji ýanwarynda Monako Knýazlygyna amala aşyran iş sapary hem aýdyňlygy bilen subut etdi.

Sport parahatçylygy berkitmekde, ýurtlaryň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary pugtalandyrmakda, medeni-ynsanperwer ugurlarda täze netijeleri gazanmakda ähmiýetli ugurlaryň biridir. Şonuň esasynda hem biziň ýurdumyzda-da sporty ösdürmäge, köpçülikleýin bedenterbiýäni giňden wagyz etmäge uly üns berilýär. Ine, sport ýaryşlarynyň geçirilýän ýeri hökmünde bütin dünýäde tanalýan, 2025-nji ýylda «Dünýäniň sport paýtagty» diýlip yglan edilen Monako Knýazlygy hem Türkmenistan bilen köpugurly gatnaşyklary ösdürmäge gyzyklanma bildirýär. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow bu ýurda sapar bilen ugramagynyň öňýanynda paýtagtymyzyň Halkara howa menzilinde köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri bilen söhbetdeş bolup, onda Monako bilen ýurdumyzyň arasyndaky diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagyna şu ýyl 10 ýyl bolýandygyny belledi. Geçen döwrüň içinde iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklary pugtalandyrmakda birnäçe işler durmuşa geçirilip, Milli Liderimiziň bu gezekki sapary şolaryň esasyny düzýär.

Sport ýaryşlarynyň guralýan mekanyna amala aşyran saparynyň çäklerinde Gahryman Arkadagymyz Monako Knýazlygynyň Şazadasy Alber II hem-de «Buig» kompaniýasynyň ýolbaşçysy Marten Buig bilen duşuşdy. Duşuşyklarda ýurtlaryň arasyndaky medeni-ynsanperwer, syýasy-diplomatik we beýleki geljegi uly ugurlarda hyzmatdaşlygy täze derejä ýetirmek dogrusynda pikir alyşmalar boldy. Bu ähmiýetli işleri durmuşa geçirmekde bolsa Milli Liderimiziň şu gezekki saparynyň möhüm başlangyç boljakdygy aýdyldy.

Saparyň dowamyndaky bellenilmäge mynasyp wakalaryň biri-de, Monte-Karlo şäherinde geçirilen halkara sirk sungaty festiwalynda «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň üstünlikli çykyş edip, Altyn baýraga we



beýleki ýörite baýraklara mynasyp bolmagydyr. Gahryman Arkadagymyz toparyň agzalary bilen duşuşyp, halkara sirk sungaty festiwalynda üstünlikli çykyş etmekleri bilen gutlady. 1974-nji ýylda esaslandyrylyp, Monte-Karlo şäherinde indi 47-nji gezek geçirilýän halkara sirk sungaty festiwalynda «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň ýaşyl Tugumyzy al-asmanda parlatmagy ýurdumyzyň halkara abraýyny has-da belende göterip, sirk sungatyna Türkmenistanda uly üns berilýändigini äşgär etdi.

Ýeri gelende bellesek, 2007-nji ýylda Milli Liderimiziň tagallasy bilen döredilen bu topar 2013-nji ýylda Russiýa Federasiýasynyň Moskwa şäherinde, 2014-nji ýylda Italiýanyň Latina şäherinde, 2015-nji ýylda Hytaý Halk Respublikasynda, 2016-njy ýylda Gyrgyz Respublikasynyň Çolpan-Ata şäherinde geçirilen halkara festiwallardyr bütindünýä oýunlarynda baş baýraklara eýe bolupdy. Şeýle hem 2018-nji ýylda Russiýa Federasiýasynyň Sankt-Peterburg şäherinde ilkinji gezek geçirilen Fontankadaky I Halkara sirk sungaty festiwalynda «Altyn Gaetano» altyn heýkeljigini eýeläpdi. Bu görkezijiler Gahryman Arkadagymyz tarapyndan täzeden dikeldilen milli sirk sungatynyň ösdürilýändigini aýan edýär. 2010-njy ýylda bolsa Türkmenistanyň Döwlet sirkiniň gaýtadan işläp başlandygyny bellemek gerek.

Türkmen halkynyň buýsanjy, milli gymmatlygy hasaplanýan ahalteke bedewlerimiz bilen bu gün dünýäniň ünsüni özüne çekip şeýle halkara festiwallarynda öňdäki orunlary eýeläp bilýäris. Ol üstünliklere ýetmek üçin bolsa mümkinçiliklerdir goldawlar gerek. Gahryman Arkadagymyz hem-de hormatly Prezidentimiz tarapyndan şeýle mümkinçilikleriň döredilmegi her birimizi buýsandyrýar. Diňe Watanymyzyň abraýy, ýurdumyzyň ösüşi, sportuň hem-de sungatyň üsti bilen parahatçylygy berkitmek ugrunda yhlasly zähmet çekäýmek galýar.

**_Baýnazar BAÝHANOW,_**
_Halkara žurnalistikasy fakultetiniň I ýyl talyby._

# «International Year of Peace and Trust» – A Path to Great Achievements

**As a land renowned as a haven of peace and happiness, Turkmenistan has established a noble tradition of naming each year with a unique motto that reflects the national identity, spiritual essence, and modern aspirations of its people. In this context, inspired by the profound creativity of the National Leader of the Turkmen People Hero-Arkadag, the poem titled «Turkmenistan – Homeland of Peace and Trust» and numerous proposals widely supported by our people, as well as the United Nations General Assembly Resolution, the year 2025 has been declared the «International Year of Peace and Trust». This year's motto inspires the Turkmen people, especially the joyful youth, to work even more diligently and contribute meaningfully to the significant milestones of our beloved homeland.**




This motto embodies the aspirations of our state to strengthen its global position in a new historical era, promoting the principles of international cooperation, trust, and friendship. It also serves to widely advocate and disseminate the nation's internally and externally balanced policies and globally beneficial initiatives. The main goal of the motto is to celebrate the 30th anniversary of Turkmenistan's Permanent Neutrality and to glorify the long-standing traditions of peace-loving, goodwill, humanitarianism, and hospitality of the Turkmen people across the world, while fostering the patriotic spirit of our citizens.

The emblem of the year 2025 carries profound symbolic meaning. It features a green poplar tree, growing upright with strong roots and branches reaching skyward, representing the development of our permanently Neutral Homeland. Accompanying this image are flags symbolizing Independence and Neutrality, as well as a white falcon soaring with protective wings, embodying the peace-loving essence of Turkmenistan and the recognition of its Neutrality twice by the United Nations. The emblem also includes olive branches, signifying peace. Drawing inspiration from the advice of our Hero-Arkadag, the green color symbolizes our sacred Independence, while the blue represents Permanent Neutrality. This symbolism is reflected in the falcon's wings, with one depicted in green and the other in blue.

As an Independent and Neutral state, Turkmenistan successfully implements a peace-loving foreign policy, advancing globally beneficial initiatives and proposals within the framework of international organizations. Under the wise leadership of our Esteemed President, the country's foreign policy, rooted in equality, mutual understanding, goodwill, and positive Neutrality, consistently contributes to ensuring peace and stability worldwide.

We wish sound strong to our Hero-Arkadag and our Arkadagly Hero Serdar, who carry out state-level initiatives to further development of our Motherland, continue to flourish, to strengthen peace and trust in the world.

**_Hojanyaz GUVANJOV,_**
_I year student of the Faculty of International Economic Relations of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan._

**_1974-nji ýylda esaslandyrylyp, Monte-Karlo şäherinde indi 47-nji gezek geçirilýän halkara sirk sungaty festiwalynda «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň ýaşyl Tugumyzy al-asmanda parlatmagy ýurdumyzyň halkara abraýyny has-da belende göterip, sirk sungatyna Türkmenistanda uly üns berilýändigini äşgär etdi._**

# TÜRKMEN-AMERIKAN GATNAŞYKLARYNYŇ GÖZBAŞYNDA





***(Başlangyjy geçen sanymyzda)***

S.Nyýazowyň ABŞ-da bolmagynyň Maksatnamasy Hemişelik wekilhanamyz tarapyndan örän mazmunly düzüldi. Saparyň ilkinji gününiň agşamsy türkmen wekiliýetiniň hormatyna belli amerikan firmalarynyň ýolbaşçylary tarapyndan dabaraly agşamlyk nahary guraldy. Oňa amerikan işewür toparlarynyň, ABŞ-da ýaşaýan türkmenleriň wekilleri gatnaşdylar (Prezident S.Nyýazow ýadawlygy sebäpli naharda bolmady). Kabul edişlikde wekiliýeti kabul edýän ýurduň wekili hökmünde ABŞ-nyň Türkmenistandaky ilçisi D.Hýulings, Türkmenistan tarapyndan bolsa Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekili ilçi A.Rahmanow söz sözlediler.

Maksatnama boýunça şol günüň ertesi Türkmenistanyň Prezidenti «Perre» myhmanhanasynda ABŞ-nyň öňki Prezidenti Riçard Nikson hem-de BMG-niň şol wagtky Baş sekretary Butros Gali bilen duşuşdy. ABŞ-nyň Nýu-Ýork we Nýu-Jersi ştatlarynyň işewür toparlarynyň wekilleri ýurdumyzyň ykdysady konsepsiýasy bilen tanyşdyryldy. Soňky duşuşykda kongres agzasy R.Toriçelli türkmen wekiliýetini gutlamak bilen, ABŞ-da amerikalylaryň Türkmenistanda bitaraplyk we «Açyk gapylar» syýasatynyň alnyp barylýandygy, dünýewi döwletiň gurulýandygy barada bilýändiklerini aýtdy we ABŞ-nyň işewür adamlarynyň hyzmatdaşlygy ýola goýjakdyklaryna, şol sanda Türkmenistanda geçirilýän özgertmelere saldamly ýardam berjekdiklerine ynam bildirdi.

22-nji martyň ikinji ýarymynda S.Nyýazow Waşingtona uçdy we şol ýerde onuň Bütindünýä bankynda we onuň Pul gaznasynda, Pentagonda, «Boeing» uçar gurluşygy korporasiýasynda, belli Kornegi gaznasynda duşuşyklary bolup geçdi. Wekiliýetiň welaýatlaryň häkimlerinden, ministrlerden ybarat bolan Nýu-Ýorkda galan bölegi (35 adam) üçin aýratyn (6 günlük) maksatnama işlenip taýýarlanypdy. Nýu-Ýork boýunça şol maksatnamanyň ýerine ýetirilmegine şahsy jogapkärçilik Prezident tarapyndan Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky Hemişelik wekili ilçi A.Rahmanowyň üstüne ýüklenildi.

Birnäçe günden soň (28-nji martda), wekiliýetimiziň uçary wekiliýetiň Nýu-Ýorkda galan agzalaryny alyp geçmek üçin Waşingtondan ABŞ-nyň Nýu-Jersi ştatyna uçdy we onuň «Nýuark» atly howa menzilinde gondy. Biz amerikan tarapyndan birnäçe resmi adamlar bilen uçaryň bortuna çykdyk we S.Nyýazow hem-de wekiliýetiň agzalary bilen hoşlaşdyk. Prezident şol ýerden resmi sapar bilen Angliýa uçdy.

Şu ýerde Prezident S.Nyýazowyň saparyň guralyşyna ýokary baha berendigini we munuň üçin ilçi A.Rahmanowa, şeýle hem amerikan tarapyna özüniň gyzgyn hoşallygyny bildirendigini hem belläp geçeýin. Saparyň esasy netijesi barada aýtsam, onda ol ABŞ-nyň Türkmenistan bilen köp ugurlar boýunça hyzmatdaşlyga gyzyklanma bildirýändigini, şeýle hem türkmen-amerikan gatnaşyklarynda hil taýdan täze sahypanyň açylandygyny görkezdi.

Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky ilkinji Hemişelik wekili hökmünde meniň esasy diplomatik işim ABŞ bilen däl-de, ozaly bilen, Birleşen Milletler Guramasy bilen köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy giňeltmekden we çuňlaşdyrmakdan ybarat boldy. Ýöne muňa seretmezden, men türkmen-amerikan gatnaşyklarynyň hem köptaraplaýyn ýola goýulmagyna we ösdürilmegine ýardam etmek üçin hemişe wagt tapmaga çalyşdym.

***(Dowamy bar).***

***Amangeldi RAHMANOW,***
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa kafedrasynyň müdiri, Türkmenistanyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi, Türkmenistanyň ussat diplomaty, professor, taryh ylymlarynyň doktory, filosofiýa ylymlarynyň kandidaty.*






# НОВОСТИ ДИПМИССИИ



**21 января посол Туркменистана в Москве Эсен Айдогдыев встретился с председателем Комитета по международным делам Совета Федерации Федерального Собрания Российской Федерации Григорием Карасиным. Об этом сообщается на сайте посольства Туркменистана в РФ.**

**22 января В Посольстве Туркменистана в Государстве Катар была проведена встреча, посвященная Международному году мира и доверия, в которой приняли участие сотрудники МИД Катара, представители дипломатических миссий, аккредитованных в стране и СМИ.**



**23 января в посольстве Туркменистана в Азербайджанской Республике состоялась конференция, посвященная объявлению 2025 года Международным годом мира и доверия. В мероприятии приняли участие научные деятели Национальной Академии наук Азербайджана, представители местных СМИ и туркменские студенты, обучающиеся в Азербайджане. Об этом говорится в сообщении МИД Туркменистана**

**25 января посольство Туркменистана в Грузии совместно с Творческим союзом писателей Грузии организовало культурное мероприятие, приуроченное к девизу 2025 года в Туркменистане и объявлению 2025 года «Международным годом мира и доверия» на основе резолюции Генеральной Ассамблеи ООН, инициированной Туркменистаном. Об этом сообщает туркменский МИД**

**25 января посол Туркменистана в Тбилиси Довлетмырат Сейитмамедов провел встречу с руководителем внешнеполитического ведомства Грузии Макой Бочоришвили, сообщает грузинский МИД.**

**В ходе встречи стороны подчеркнули важность углубления сотрудничества в различных форматах, особо выделив потенциал торгово-экономических отношений.**

***Подготовила:***
***Оразджемал ЧАРЫЯРОВА,***
*студентка II курса факультета международной журналистики.*

***2025-nji ýylyň 20-nji ýanwarynda Donald Tramp ABŞ-nyň 47-nji Prezidenti hökmünde wezipesine girişdi.***



# Bitarap Türkmenistan

Watan goýnuň ýaz mysaly, göwünlerimiz gökdedir,
Asman-Zemin, älem-jahan seniň bilen görkdedir,
Şanly toýda gözel görküň öňküdenem görklener,
Arkadagly Serdarly ýurt Bitarap Türkmenistan!

Dünýä münberinde adyň sena bolup ýaňlanýar,
Şan-şöhratyň Ýer ýüzüne aýdym bolup aýlanýar,
Ösüşleriň, özgerişleriň çar tarapa ýaň salýar,
Arkadagly Serdarly ýurt Bitarap Türkmenistan!

Paý alýarys ähli zatdan okap, ylym-bilimden,
Eziz adyň düşmez asla nesilleriň dilinden,
Ýüreklerimiz misli umman, dolup daşýar ynamdan,
Arkadagly Serdarly ýurt Bitarap Türkmenistan!

Barýas batly gadam bilen şanly baýrama-toýa,
Gursakdaky ynamlarymyz däli derýadyr göýä,
Parahatlyk-asudalyk uly nusgadyr dünýä,
Arkadagly Serdarly ýurt Bitarap Türkmenistan!

Hakyň sylan Gerçek ogly bu gün ýurduň başynda,
Bäş welaýat jem bolupdyr bir supranyň daşynda,
Agzybirlik dady bardyr her tagam duz aşynda,
Arkadagly Serdarly ýurt Bitarap Türkmenistan!

*Aýnur HUDAÝBERGENOWA,*
*Halkara žurnalistikasy fakultetiniň*
*III ýyl talyby.*

# Ekologik endikli terbiýelemek

*Häzirki zaman dünýäsinde planetamyz hakda alada etmek — bu diňe bir moda öwrülen özboluşly akym hem däl-de, hakyky durmuşy zerurlyk. Özümizde we çagalarda ekologik abadançylygy goramagyň endiklerini näçe tiz terbiýelesek, şonça gowy.*

**Nähili ýönekeý ekologik endikleri ýola goýup bolar?**

*__1.__ Suwy tygşytlamak:*
*- gap ýuwýan mahalyňyz ýa bolmasa-da dişiňizi ýa eliňizi ýuwup arassalaýan mahalyňyz suwy akdyryp goýmaň.*
*- wannanyň ýerine duş kabul ediň.*
*- gap-gaç ýa-da egin-eşik ýuwýan maşyny diňe dolduryp ýuwjak mahalyňyz işlediň.*

*__2.__ Elektrik energiýasyny tygşytlamak:*
*- ulanmaýan mahalyňyz çyrany öçürip goýuň.*
*- energiýany tygşytlaýjy lampalary ulanyň.*
*- ulanylmaýan mahaly elektrik enjamlary tokdan aýryp goýuň.*



*__3.__ Tebigata aýawly çemeleşmek:*
*- köçäni hapalamaň.*
*- zibili aýyl-saýyl edip zyňyň.*
*- bir gezeklik paketleriň ýerine köp gezeklik ulanyp bolýan torbalary ulanyň.*
*- gaty bir zerur bolmadyk ýagdaýynda golaý ýerlere awtoulagda däl-de, pyýada ýa-da welosipedli gidiň.*
*- nahal oturdyň.*

*__4.__ Oýlanyşykly sarp etmek:*
*- artykmaç satyn almaň.*
*- gerekmejek geýimleriňiz bolsa mätäçlik çekýänlere beriň.*

*Ýokarda mysal getirilen ekologik endikleriň hiç birini ýerine ýetirmeýän bolsaňyz, alada etmäň. Diýmek, siziň bu ugurda kämilleşmegiňiz üçin heniz mümkinçiligiňiz bar. Iň bolmanda bu adaty ýörelgelere eýermek bilen, durmuşyňyzy ekologiýa taýdan arassa edip bilersiňiz.*

*Endikleriňizdäki kiçijik üýtgeşmeleriň hem planetada uly özgerişleriň bolmagyna goşant bolup biljekdigini ýadyňyzdan çykarmaň.*

*Özüňizde we çagalaryňyzda ekologiýa abadançylygyny üpjün etmek endiklerini kämilleşdiriň we şonda bilelikde dünýäni has arassa we ýaşyl etmegi başararys!*

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

# ДИПЛОМАТИЧЕСКИЙ СЛОВАРЬ

## *НУНЦИЙ —*

*постоянный дипломатический представитель папы римского в иностранных государствах; соответствует дипломатическому рангу чрезвычайного и полномочного посла.*

## *ДЕПОЗИТАРИЙ —*

*государство или международная организация хранитель подлинного текста международного многостороннего договора, сданного в его архивы по соглашению участников договора. Депозитарий обычно бывает государство, на территории которого договор подписан.*

## *ПАРИТЕТ —*

*(лат. paritas – равенство, равное отношение, соответствие). В международных отношениях паритет означает ведение переговоров при равном представительстве сторон, на основе равенства, отражающего согласие их участников учитывать взаимные интересы и заключать взаимоприемлемые соглашения.*

## *Экзекватура —*

*(лат. - выполнять) удостоверение, выдаваемое консулу правительством страны пребывания и дающее ему право выполнять свои функции на территории данной страны*

***Мерджен ОРАЗДУРДЫЕВА,***
*студентка II курса факультета международной журналистики.*



*В природе все мудро продумано и устроено, всяк должен заниматься своим делом, и в этой мудрости — высшая справедливость жизни.*

*Леонардо да Винчи.*

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI ELECTRONIC NEWSPAPER
Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty
Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar

*Baş redaktor*
***Täzegül KULJIKOWA***

***Baş redaktoryň orunbasarlary:*** *M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.*
***Jogapkär kätip:*** *B.Garaýew.*
***Jogapkär kätibiň orunbasary:*** *A.Kaşaňow.*
***Bölüm müdiri:*** *J.Öwezowa.*
***Edebi işgärler:*** *A.Ýazweliýew, O.Çaryýarowa, A.Nobatowa, Y.Hallyýew.*
***Korrektorlar:*** *A.Döwletowa, M.Orazdurdyýewa.*

***Redaksion geňeşiň agzalary:***
*B.Ataýew, M.Berdinyýazow, A.Gökleňow, R.Bäşimow, B.Saryýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, M.Gandymowa, P.Çaryýew, J.Pürjäýewa, O.Amanmuhammedowa.*

***Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.***

***E-mail:***
***hgi.redaksiya@gmail.com***